# Welosiped barada aýdylanlar

Category: Kitapcy,Sport we turizm
написано kitapcy | 22 января, 2025
Welosiped barada aýdylanlar WELOSIPED BARADA AÝDYLANLAR



Welosiped sporty diñe bir sport ulgamynda bolup geçýän özgerişleri añlatman, eýsem, adamzadyñ parahatçylyk söýüjilik maksatlarynyñ, dostlugyñ we raýdaşlygyñ dabaralanýandygyny hem alamatlandyrýar.
Türkmenistanyñ Prezidenti
Gurbanguly BERDIMUHAMMEDOW.

* * *

Göwnüçökgünlik welosiped bilen bir ýere sygyşmaýar. Sebäbi weslosport göwnüçökgünligi aradan aýryp, ruhy baýlyk paýlaýar.

Jeýms E.STARS.

* * *

Welosipedli edilen gezelenjiň ýerini beýleki güýmenjeleriň hiç biri hem tutup bilmez.

Jon F.KENNEDI.

* * *

Welosiped döredijilik bilen meşgullanýan adamlaryň, esasanam, şahyrdyr ýazyjylaryň ylham çeşmesi bolmalydyr. Çünki welosipedli gezelenç pikiriňi durlap, gözýetim gözelligini has golaýdan görüp, ruhlanmagyňa täsir edýär.

Kristofer MORLI.

* * *

Hut welisipedli ýörişiň ýurduň iň ajaýyp ýerlerini öwrenmäge, synlamaga ýardamy has uludyr.

Ernest HEMINGUEÝ.

* * *

Ulaglaryň içindr diňe welosiped medeniýetli ulanyş usuly bilen adamlara has golaýdyr. Ulaglaryň beýleki görnüşleri gitdigiçe çylşyrymlaşyp, olara erk etmek hem barha kynlaşýar. Welosipedi sürmäge höwes eden her bir adam bolsa ýüregunde beslän arzuwyna ýeňillik bilen ýetip bilýär.

Welosipedi oýlap tapan adam adamzadyň uly minnetdarlygyna mynasypdyr.

Lord Çarlz BERESFORD.

*   *   *

Durmuş edil welosiped sürüşiñ ýalydyr. Deñagramlylygy saklamak üçin diñe öñe tarap hereket etmelidir.

Albert EÝNŞTEÝN.

*   *   *

Haçan-da, men welosiped sürüp barýan adamy görenimde, ýaş nesliñ sagdyn boljagyna ynamym güýçlenýär.

Gerbert UELS.

*   *   *

Welosiped hemişelikdir. Şu wagt ol siziñ durmuşyñyza baý many öwüşginini çaýýan gözbaşdyr. Men günde welosipedli maşklary ýerine ýetirýärin. Siz welosipediñizi münüñ-de, sagatda ýigrimi mil tizlikde ýollarda, demir ýoluñ gapdalynda, köprülerde sürüñ, hiç kim bilen çaknyşman, mähelläniñ arasyndan böwsüp geçiñ. Elbetde, bu ussatlyk. Men siziñ üç sagatlyj welosipedli gezelençden soñra, öýe ýadaw halda dolanyp, dem-dynç alyp, ertirki gün ýene-de şu gyzykly gezelenji gaýtalamagyñ arzuwynda boljakdygyñyzy bilýärin.

Jek LONDON. Sport we turizm